# «Hakydamy geçmişime aýlaýan…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Hakydamy geçmişime aýlaýan…" «HAKYDAMY GEÇMIŞIME AÝLAÝAN…»




Hakydamy geçmişime aýlaýan,
Şatlykmy, gussamy –
Düşnüksiz duman.
Wagt hasyly sowurypdyr harpygyn,
Diňe ýatlamalar galypdyr aman.
Golaýma getirýän çagalygymy,
Baglarda guşlaryň sazyny diňlän.
Juda oňat günler ýadyma düşýär,
(Özgesini ýatlamaga çekinýän)

Tez maralyň saýasyna çalymdaş,
Saklap bormy ötup barýan ömri heý.
Ýüregmiň törüne adyny goýup,
Söýgim galdy kebelegiň ömri deý.

Käte ganat baglap asmana uçýan,
Soňam kelemenläp gaçýan Zemine.
Şatlygyň nikabyn geýipdir gussam,
Ýüzümde ýylgyryş, göwnümde kine.

Geçeniň alnynda bulaşyp ýatyr,
Sogabym, ýazygym, günä,etmişim
Başga zat owarram,
Diňe özümi
Çekeleýän elleriden geçmişiň.

Ilmyrat BABAÝEW. Goşgular